**Türkmenistanyň Bilim ministriniň**
**2026-njy ýylyň "20" aprelinde**
**çykaran 150 belgili buýrugyna**
**1-nji goşundy**

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ýurdumyzyň ýaşlarynyň arasynda geçirilýän **"Hünär ussatlygy"** hünär bäsleşiginiň

## DÜZGÜNNAMASY

Şu Düzgünnama **"Hünär ussatlygy"** hünär bäsleşigiň maksatlaryny, hünär ugurlaryny, şertlerini we bäsleşigi geçirmegiň tertibini hem-de ýeňijileri saýlamak we olary sylaglamak işlerini kesgitleýär.

### I. Bäsleşigiň maksady

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda bilim ulgamynda gazanylýan joşgunly, döredijilikli zähmet üstünlikleri, aýdyň ýol bilen beýik ösüşlere we özgerişlere beslenýän belent sepgitler Garaşsyz, Baky Bitarap Watanymyzyň milli taryhyna altyn harplar bilen ýazylýar.

Arkadagly Serdarymyzyň **"Bilim biziň beýik geljegimizdir"** diýen parasatly sözleri Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bilim ulgamynyň bedew batly ösüşlerini ilerletmekde bu parasatly jümle bilim ulgamynyň işgärleriniň we bilim alýan, hünär öwrenýän ýaşlarymyzyň köňül şygaryna öwrüldi.

Hormatly Prezidentimiz: **"Ýaşlar mähriban halkymyzyň, Watanymyzyň beýik geljegini gurujylardyr** ~~diýip nygtamak bilen~~ giň gözýetimli, ösen tehnologiýalardan baş çykarýan hünärmenleriň neslini kemala getirmek biziň alyp barýan işlerimiziň esasy maksady bolmalydyr. Ýaşlaryň dünýä dillerini düýpli öwrenmegi, edebiýat we sungat bilen giňden meşgullanmagy üçin hem ähli şertler döredilmelidir. Olaryň arasynda döredijilik bäsleşikleri yzygiderli geçirilip durmalydyr" diýip belleýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyzyň: **"Biziň ösüşlerimiz, ata Watanymyzyň berkararlygy, ýurdumyzyň asudalygy, il-günümiziň abadançylygy ýaşlarymyza baglydyr. Men türkmen ýaşlarynyň bu belent ynamy ödejekdiklerine berk ynanýaryn"** diýen sözleri ýaş nesilleriň wekillerinde uly buýsanç döretdi.

Hünär biliminiň esasy maksady hünär bilimini alýan ýaşlary durmuşda jemgyýete peýdaly, işjeň, ýokary adamkärçilik häsiýetli, giň dünýägaraýyşly, ýokary medeniýetli, syýasy düşünjeli, işine ussat, kämil hünärmenler edip ýetişdirmekden ybarat bolup durýar. Şeýle hem hünär bilimini alýanlaryň hünär ussatlygynyň emele gelmeginde, zähmet we hünär endikleriniň hem-de zähmetsöýerlige we medeniýetlilige bolan garaýyşlarynyň kemala gelmeginde, ýokary hünär derejeli işçileri taýýarlamakda önümçilik we tejribe okuwlary, hünär bäsleşikleri oňyn netijeleri berýär.

**"Hünär ussatlygy"** hünär bäsleşigiň esasy maksady:

- ýaşlaryň hünärine (kärine) we zähmete bolan söýgi döretmek;
- ýaşlaryň hünäri (käri) boýunça döredijilik ukybyny ýokarlandyrmak;
- ýaşlaryň zehinlerini, hünär (kär) endiklerini we başarnyklaryny ýüze çykarmak;
- ýaşlaryň hünärine (kärine) bolan höwesini we gyzyklanmasyny artdyrmak;
- ýaşlaryň täzeçellikleri ussatlarça oýlap tapmaklaryny gazanmak;
- nazary okuwlar bilen önümçilik (amaly) okuwynyň arabaglanyşygyny ýokarlandyrmak;
- ýaşlara öwredilýän hünärleriň okuw-terbiýeçilik we okuw-önümçilik ähmiýetini artdyrmak;
- ýaşlaryň nazary bilimlerini amaly işleriň üsti bilen özbaşdaklykda özleşdirmekligini açyk görkezmek;
- ýaşlaryň saýlan hünäri (käri) boýunça gelejekde hünär-taslama eserlerini döretmeklikde döredijilik başlangyçlaryny ýola goýmak;
- ýaşlaryň hünär medeniýetine, amaly-haşam sungatyna we döredijilige bolan söýgini döretmek we gözýetimini giňeltmek.

## II. Bäsleşigiň hünär ugurlary

1. Elektromontaž işleri;
2. Kafel (syrçaly ýuka plitka) düşemek işleri;
3. Kerpiç örmek işleri;
4. Santehnika işleri;
5. Aşpezçilik işleri;
6. Konditerçilik işleri;
7. Biçimçi-tikinçilik işleri.

## III. Bäsleşigiň şertleri

**"Hünär ussatlygy"** hünär bäsleşige ýurdumyzyň 18-35 ýaş aralygyndaky ýaşlar gatnaşýarlar.

Bäsleşige gatnaşmaga höwes bildirýän ýaşlar öz islegine we ukybyna görä görkezilen 7 (ýedi) sany hünär ugurlaryndan birini saýlap alýar.

Bäsleşigiň ugurlar boýunça ýumuşlary (işleri), şertleri we ýerine ýetiriliş tertibi bäsleşige gatnaşyjylaryň ähli üçin birmeňzeş we ýazmaça görnüşde bolmalydyr.

Ýumuşlary (işleri) doly we görnükli ýerine ýetirmek üçin bäsleşigiň dowamlylylygy berlen ýumuşlarda (işlerde) görkezilýär.

Berlen ýumuş (iş) kesgitlenen wagtyna çenli doly tamamlanmadyk ýagdaýynda ýerine ýetirilen ýumuşyň (işiň) hiline görä hem baha berilýär.

Bäsleşige gatnaşyjylara berlen ýumuşlaryň ýerine ýetirilişine gözegçiligi amala aşyrmak, olaryň ýerine ýetiren işlerine mynasyp baha bermek hem-de ýeňijileri saýlamak we yglan etmek maksady bilen, Emin agzalar topary döredilýär.

Emin agzalary bäsleşigiň ýumuşy (işi), şertleri, tertibi, okuw – tehniki resminamalar we beýleki degişli maglumatlar bilen üpjün edilýär.

Bäsleşige gatnaşyjylaryň ýerine ýetiren işlerine mynasyp baha berjek, bäsleşigiň ýeňijilerini saýlajak we bäsleşigiň netijeleri boýunça olary yglan etjek emin agzalary işleriň ýerine ýetirilýän döwründe bäsleşige gatnaşyjylaryň ukyp-başarnyklaryna, zähmet we iş öndürijilik usullaryna, her bir işiň tehnologiki sowatlylygyna, berlen ýumuşlaryň (işleriň) yzygiderlilikde ýerine ýetirilişine we hiline, zähmet we tehniki, elektrik we ýangyn howpsuzlyk düzgünleriniň ýerine ýetirilişine, ekologiýa we zähmeti goramaklygyň talaplarynyň hem-de sanitar-gigiýeniki, arassaçylyk kadalarynyň berjaý edilişine yzygiderli gözegçilik edýärler.

Eger-de, bäsleşige gatnaşyjy tarapyndan zähmet we tehniki, elektrik we ýangyn howpsuzlyk düzgünleri, ekologiýa we zähmeti goramaklygyň talaplary hem-de sanitar-gigiýeniki, arassaçylyk kadalary işiň dowamynda üç gezek bozulan ýagdaýynda berlen ýumuşy (işi) ýerine ýetirmeklik wagtlaýynça togtadylyp, halypa önümçilik okuwynyň ussasy ýa-da halypa mugallym bäsleşige gatnaşyjy bilen degişli talaplar, düzgünler we kadalar boýunça gaýtadan gözükdirme düşündiriş okuwyny (işini) geçirýär.

Gaýtadan berlen gözükdirme düşündiriş okuwy (işi) üçin bäsleşige gatnaşyja goşmaça wagt berilmeýär.

Bäsleşige gatnaşyjylar berlen ýumuşy (işi) talabalaýyk ýerine ýetirmek maksady bilen esasy şu aşakdakylary:

- esasy we kömekçi gurallar, enjamlar (ölçeg abzallary we beýleki serişdeler) hem-de şahsy gorag serişdeleri (iş elligi, rezin ellik, sanitar elligi gorag äýnegi, degişli başgap we ş.m.) bilen üpjünçiligi;
- ikibara bolup ýerine ýetirilýän hünär ugurly işler üçin bäsleşige gatnaşyjynyň islegine görä 1 (bir) sany kömekçini almaklygy;
- gurallara we enjamlara köp zor salmazdan we olara artykmaç basyş etmezden dogry ulanmaklygy;
- enjamlar we gurallar bilen işlenilende zähmet we tehniki, elektrik we ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini berjaý etmekligi;
- ekologiýa we zähmeti goramaklygyň talaplaryny hem-de iş ýerinde sanitar-gigiýeniki, arassaçylyk kadalaryny berjaý etmekligi;
- gurallary we enjamlary dogry saýlamaklygy, howpsuz usulda ulanmaklygy, arassalamaklygy, hyzmat etmekligi we saklamaklygy;

- ýumuşlary (işleri) berlen nusgalara (görnüşlere, ölçeglere, çyzgylara, shemalara we ş.m.) laýyklykda dogry we takyk ýerine ýetirmekligi;

- ýerine ýetirilýän ýumuşlary (işleri) yzygiderli barlamaklygy we goýberilen ýaşňyşlyklary düzetmekligi;

- ýumuşlar (işler) ýerine ýetirlilende diňe bäsleşigi gurnaýjylar tarapyndan berlen enjamlardan ýa-da gurallardan peýdalanmaklygy;

- başga kömekçi gurallara ýa-da enjamlara zerurlyk bolan ýagdaýynda diňe emin agzalarynyň ylalaşmagy we olaryň rugsat bermegi bilen peýdalanmaklygy;

- emin agzalaryndan we bäsleşigi guraýjylardan başgalar bilen özara pikir alyşmazlygy;

- bölünip berlen meýdançadan çykmazlygy göz öňünde tutmalydyr.

## IV. Bäsleşigiň geçiriliş tertibi

**"Hünär ussatlygy"** hünär bäsleşigi jemi üç tapgyrda (Aşgabat we Arkadag şäherleri hem-de welaýatlar tapgyry hem-de jemleýji döwlet tapgyry) geçirilýär.

1. Bäsleşigiň birinji tapgyry 2026-nji ýylyň 27-nji aprelinden 6-njy maý aralygynda bellenen hünär okuw mekdebiniň we okuw merkeziniň binasynda Aşgabat we Arkadag şäherleri hem-de welaýatlar boýunça geçirilýär.

Hünär okuw mekdebiniň we okuw merkeziniň çäginde geçirilen bäsleşiklerde tapawutlanyp I-orna mynasyp bolan ýaşlar bäsleşigiň Aşgabat we Arkadag şäherleri hem-de welaýatlar boýunça geçirilýän tapgyryna gatnaşmaga hukuk gazanýarlar.

Bäsleşigiň birinji tapgyrynyň hünär ugurlary boýunça ýumuşyny (işini), bäsleşigiň şertlerini we tertibini, geçiriljek senesini, guramaçylyk we bezeg işlerini hem-de ýeňijileri saýlamak we olary sylaglamak çärelerini geçirmegi hünär okuw mekdepleriniň we okuw merkezleriniň ýolbaşçylary kesgitleýär we çäreleri guraýar hem-de ýerine ýetirýär.

Bäsleşigiň birinji tapgyrynda gatnaşyjylary bahalandyrmak we ýeňijileri saýlamak işlerini hünär okuw mekdepleriniň we okuw merkezleriniň ylalaşmagy esasynda bäsleşige gatnaşmaýan ýokary okuw mekdepleriniň, degişli ýerli önümçilik edara-kärhanalaryň we guramalaryň wekillerinden döredilen emin agzalar topary amala aşyrýar.

2. Bäsleşigiň ikinji tapgyry 2026-njy ýylyň 11-21-nji maý aralygynda Aşgabat we Arkadag şäherleri hem-de welaýatlar geçirilýär. Bäsleşigiň ikinji tapgyrynyň guramaçylyk işlerini Direktorlar Geňeşiniň welaýatdaky agzalary gurnaýarlar.

Bäsleşigiň Aşgabat we Arkadag şäherleri hem-de welaýatlar boýunça geçirilen tapgyrynda tapawutlanyp I-orna mynasyp bolan ýaşlar bäsleşigiň üçünji – jemleýji tapgyryna gatnaşmaga hukuk gazanýarlar.

Hünär okuw mekdebpleri we okuw merkezleri bäsleşigiň üçünji – jemleýji tapgyryna gatnaşmaga hukuk gazanan gatnaşyjylaryň hünär okuw mekdebinde we okuw merkezlerinde okaýandygy barada kepilnama we pasportynyň göçürmesini

2026-njy ýylyň maý aýynyň 29-yna çenli Türkmenistanyň Bilim ministrligine ibermeli.

Bäsleşigiň üçünji – jemleýji döwlet tapgyrynyň hünär ugurlary boýunça ýumuşlary (işleri), bäsleşigiň şertlerini we tertibini, geçiriljek guramaçylyk işlerini hem-de ýeňijileri saýlamak we olary sylaglamak çärelerini geçirmegi hünär bäsleşigini geçirmek boýunça Merkezi guramaçylyk topary kesgitleýär we ýerine ýetirýär.

Bäsleşigiň jemleýji döwlet tapgyryny paýtagtymyzda Aşgabat şäherindäki hünär okuw mekdepleriniň we okuw merkezleriniň birinde ýa-da hünär ugurlarynyň aýratynlygyna görä degişli kärhanalarynda geçirmeklik göz öňünde tutulýar.

## VI. Bäsleşigiň ýeňijilerini saýlamak we sylaglamak

1. "Hünär ussatlygy" hünär bäsleşigiň ýeňijileri bäsleşigiň şertlerine laýyklykda emin agzalarynyň goýan ballaryny (utuklaryny) jemlemek we olaryň köplügi boýunça kesgitlenilýär.

Bäsleşigiň her görnüşiniň netijeleri boýunça:

1 (bir) sany I orun,

2 (iki) sany II orun,

3 (üç) sany III orun berilýär.

2. "Hünär ussatlygy" hünär bäsleşigiň jemleýji tapgyrynyň ýeňijileri bolan ýaşlar Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan Diplomlar we Minnetdarlyk hatlary hem-de sowgatlar bilen sylaglanýar.